# Trampyñ yrakly aklawjysy: Alina Habba

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Trampyñ yrakly aklawjysy: Alina Habba TRAMPYÑ YRAKLY AKLAWJYSY: ALINA HABBA




*ABŞ-nyñ öñki prezidenti Donald Trampyñ gorag toparyndan Alina Habba migrantlaryñ ABŞ-da oñlan rollaryny ýatladýar. Aklawjy Habba gorag toparynyñ beýleki agzalary bilen birlikde Trampa bildirilýän resmi aýyplamalaryñ astynda galan ilkinji prezident bolandygynyñ yzyndan kanuny göreş alyp barýar.*

ABŞ-nyñ öñki prezidenti Donald Tramp geçen hepde «dymma paýy» dawasynda resmi taýdan aýyplandy.

Asly yrakly aklawjy Alina Habba Trampyñ gorag toparyna girensoñ, ýakynda ýene-de dile düşdi.

Yrak halky Habba baradaky habar boýunça pikirini aýtmakda gijikmedi. Trampyñ gürrüñi gidýän aklawja ynam bildirmegi Mesopotamiýada köp sanly nägilelige sebäp boldy.

«Bloomberg» habarlar gullugy Habbanyñ Trampy goramakdaky üstünlikleri boýunça öñki prezidentiñ goly çekilen we ýüzünde «Alina, birkemsiz iş bitirdiñ!» ýazgyly habar makalasyny çarçuwaladyp öýünde saklaýandygyny habar berýär.

Bu bellik Habbanyñ eden işi üçin öwgi. Habba bir stažor tarapyndan Trampa garşy jynsy zorluk aýyplamasy bilen açylan derñew işini 2017-nji ýylda üstünlikli soñlandyrypdy. Has soñra stažor özüne «ýalançy» diýendigi üçin Trampyñ garşysyna

hapa sögündi diýip arz etdi.
Aklawjy Habba gorag toparynyň beýleki agzalary bilen birlikde Trampa bildirilýän resmi aýyplamalaryň astynda galan ilkinji prezident bolandygynyň yzyndan amerikan taryhynda birinji gezek gabat gelýän sud göreşini alyp barýar.

- **Alina Habba kim?**

Alina Habba ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatynda yrakly migrantyň maşgalasynda dünýä indi. Pensilwaniýa ştatynyň Lehaý uniwersitetiniň, Uidener uniwersitetiniň hukuk fakultetlerini okap gutardy.
Agy agzalan habarlar gullugy Habbanyň «Ýokary profilli, jedelkeş müşderisiniň özüne ynam edýändigi üçin begenjinjň çäksizdigini we aýratynam Habbanyň özüni «örän dindar katolik we Trampyň tutan ýoluna hakykatdanam ynanýan biri» hökmünde tanadýandygyny» belläp geçdi.
Yragyň soňky on ýyllyklarda bolup geçen uruşlar we kynçylykly howpsuzlyk şertleri netijesinde Mesopotamiýadaky köp sanly adam sebitden we ýurtdan göçüp, ABŞ-da mekan tutdy, birnäçesi dürli ugurlarda tapawutlandy.

- **Amerikan kanunlary**

Hukukçy Ali Al-Temimi «amerikan kanunlarynda, ha ol konstitusiýada bolsun, ha ol ýörite kanunlarda, raýatlyga kabul edilen adamlaryň ýa-da asly daşary ýurtly adamlaryň federal hökümetde-de, ştatlarda-da, hökümet edarasynda-da işlemegine päsgel berip biljek hiç hili hukuk bökdençliginiň ýokdugyny we muňa öňki prezident Barak Obamanyňam aslynyň ABŞ-ly däldiginiň aýdyň mysaldygyny» belläp geçdi.
Al-Temimi sözüni şeýle dowam etdirdi:
«ABŞ-daky hukuk hünärinde adamyň amerikan bolmagynyň ýa-da iki raýatlygy bolmagynyň arasynda hiç hili tapawut ýok. Ýokary howpsuzlyk we dolandyryş meselelerinde-de hiç hili çekinýän zatlary ýok. Diňe şol wezipelere ýetip biljek adamyň geçen ýoluna, gazanan üstünliklerine we jenaýat edip-etmänligine seredýärler. Bolany.

Ady agzalan hukukçy Habba «tamamlan ugry boýunça işine ezber aklawjy we amerikan kanunlaryna laýyklykda tapgyrlaýyn möhletden geçen. Ilki okan, yzyndan adaty sud edaralarynda, jeza beriji sudlarda, Ýokary Sudda işlän we iň ýokary derejä ýeten» diýip baha berdi.



**• Işine ezber yrakly aýal-gyzlar üçin nusgalyk zenan**

Hukukçy Wasan Al Duleými Habbanyň ýokary mümkinçiligini, yrakly zenanyň nähili bolýandygyny, işbaşarjaňlygynyň neneňsidigini görkezen yrakly zenanlaryň sanawyna goşulandygyny nygtady.
Şeýle-de, «yrakly zenanyň at-abraýyny zaýalamaga synanyşýan kişilere garamazdan» öňki hatarlarda ýer alyp görkezendigini, şol sanda saýlama we ýolbaşçylyk ukybynyň bardygyny subut edendigini» belläp geçdi.
Yrakdaky sosial mediýa ulgamlary we ýerli metbugat serişdeleri Habba baradaky habarlary dilinden düşürmedi, sebäp diýseň bu habarlara gyzyklanýanlaryň sany sanatdan kändi.

**• Migrantlaryň makullan rollary**

Munuň deregine syýasaty öwreniji Nebil Jabbar Al-Temimi Trampyň garşysyna açylan derňew işlerinde jogapkärçilige çekilmeginiň «asly yrakly aklawjyny anyk Ýakyn Gündogar aýratynlyklary bilen öňe saýlanandygyny» aýdýar.
Nebil Jabbar işiň ironiki tarapynyň «bu aklawjynyň oýnan uly rolunyň migrantlaryň ABŞ-da boýnuna alan jogapkärçilikleri we uçran jynsparazlyk kampaniýalaryny bize ýatladandygyna» ünsi çekdi.

Bu ýagdaý Trampyñ Yrak, Liwiýa ýaly birnäçe ýurtda ABŞ-na garşy gönükdirilen guramaçylykly bosgun kampaniýalaryny gyýtaklaýyn ýa-da doly togtadandygyny ýatlatdy.
Şol sanda migrantlaryñ, aýratynam aklawjylaryñ roly Trampyñ şahsy taýdan garşyma-garşy bolan meselelerinde tapawutlanýar.

Jabbar ZEÝDAN,
Yrakly žurnalist / @jabarzed

Ýekşenbe, 09.04.2023 ý. Zenan şahsyýetler